***Pederlerimizden galan bir pähim bar: «Ertir tur-da, ataňy gör, ataňdan soň — atyňy». Bu pentde juda tereň many bar. Behişdi bedew — halkyň buýsanjy. Türkmeni şonsuz göz öňüne getirmek mümkin däl. Taryhy köküni heňňamlaryň jümmüşinden alyp gaýdýan, ähli babatda milliligi bilen tapawutlanýan halkyň geçmişem, şu günem, ertirem bedew at bilen baglydyr. Bedewler — türkmeniň ganaty, toýda şöhraty, durmuşda wepadar hemdemi.***

Halkymyzyň bedew atyna goýýan hormaty ajaýyp döwrümizde ýene bir mertebe belende galdy. Muny Garaşsyzlyk ýyllarynda baharyň iň ajaýyp günleriniň biriniň Türkmen bedewiniň milli baýramyna bagyşlanmagy, atçylyk sportuna bolan ünsüň barha ýokarlanmagy, paýtagtymyzda we welaýatlarymyzda atçylyk toplumlarynyň gurlup, olarda gadym döwürlerden bäri tohumy ýitirilmän gelinýän ahalteke bedewlerimiziň idedilmegi, Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň döredilmegi ýaly işler hem görkezýär.

Ýurdumyzyň ýokary we orta hünär okuw mekdeplerinde atçylygyň we atly sportuň dürli ugurlary boýunça bu ugurdan ýaş hünärmenleri halkara derejede taýýarlamak, ahalteke bedewleriniň özboluşly aýratynlyklaryny, taryhyny, seýisçilik we tohumçylyk-seçgi işlerini ylmy taýdan düýpli öwrenmek babatda möhüm işler alnyp barylýar. Şeýle hem türkmen we daşary ýurtly atşynaslaryň ahalteke atlaryny ösdürip ýetişdirmek boýunça çekýän asylly zähmetine mynasyp baha berlip, olara «Türkmenistanyň at gazanan atşynasy», «Türkmenistanyň ussat halypa çapyksuwary» we «Türkmenistanyň halk atşynasy» diýen hormatly atlar dakylýar. Olimpiýa stadionyndaky atyň heýkeliniň Ginnesiň rekordlar kitabyna girizilmegi bolsa buýsançly başymyzy göge ýetirdi.

Şu ýerde il içinde aýdylyp gelinýän bir rowaýata ýüzleneliň. Nesilbaşymyz Oguz han ömrüni paýawlap, demini sanap ýatyrka, ogullaryny ýanyna çagyryp: “Ogullarym! Bu meniň size iň soňky wesýetim: nesillere hemişe şu üç zady aýamagy sargyt ediň! Birinjisi — Watany, ikinjisi — ata-enäni, üçünjisi bolsa — aty” diýipdir. Görnüşi ýaly, bu rowaýata siňen hakykat ata-babalarymyzyň ýaşaýşynyň, durmuş mazmunynyň, Watan düşünjesiniň bedewler bilen baglydygyny äşgär edýär. Şeýle hakykatlar Milli Liderimiziň «Ahalteke bedewi — biziň buýsanjymyz we şöhratymyz», «Gadamy batly bedew», «Atda wepa-da bar, sapa-da» atly kitaplarynda hem öz beýanyny tapýar.

Türkmen: «Saňa at diýmerin, gardaş diýerin» diýipdir. Halkyň köňül buýsanjyna, ýürek telwasyna öwrülen bedewlerimiziň şan-şöhratyny dünýä nusgalyk derejä göteren Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman, beýik işleri hemişe rowaç bolsun!

**Konstantin GOLOWKIN,**

Все права защищены

save pdf date >>> 28.01.2026

**«Türkmen atlary» döwlet birleşiginiň Atçylyk ylmy-önümçilik merkeziniň molekulýar genetika bölüminiň müdiri.**

Все права защищены

save pdf date >>> 28.01.2026